Internet sahyp üçin düzedip taýýarlan ; Timur Kor

# Düşündirişli sözlük.

**Abraý** *(a:braý),* hemmeler tarapyndan bildirilýän hormat,

sylag, ynam.

**Akýüwrük** *(a.-kýüwrük),* tüwini suwda bişrip gatyklanyp

iýilýän nahar.

**Alçak**, göwnaçyk, mylaýym, gadyrly, içgin gürleşýän adam.

**Arkaýyn,** ynjalykly, rahat, howatyrsyz, aladasyz, gaýgysyz.

**Aýawly saklamak,** zaýa etmän saklamak, gorap saklamak.

**Aýlaw,** at capyşygy geçirilýän ýörite meýdan, ýer.

**Bagtyýar** *(bagtyýa:r),* bagta ýar bolan, bagta eýebolan, bagtly.

**Baky** *(ba:ky),* mydamalyk, hemişelik, müdimi.

**Baýlyk** *(ba:ýlyk),* 1) mal-mülklülik, gurplulyk, köp zatlylyk, 2) gazylyp alynýan we öndürilýän gymmatly zatlar.
**Baýrak,** ýaryşda we başga zatda üstün çykanlygy üçin berilýän sylag.

**Baýyr,** dag etegindäki belentli-pesli depe, pes, ýapgyt

dagjagaz.
**Belke,** ýuka ýaýylyp kesilen hamyr böleklerinden

taýýarlanylýan nahar.
**Bereket,** bol hasyl, köp önüm, bolluk, dokluk, bolçulyk.

**Bina** *(bina:),* Uly jaý, ymarat.

**Bitarap** *(bitarap),* hiç bir tarapa goşulmaýan.

Turkmenkultur.com

**Borç** *(bo:rç),* bergi, edilen wada, karz.

**Boz,** calymtyl reňk.

**Çarşak,** dort-bäs. dişli agaçdan, demirden ýasalan, harman atmakda, ýandak, bede toplamakda ylanylýan gural.

**Çarşenbe** *(ga:rşenbe),* hepdäniň üçünji gününiň ady.

**Çaryk,** düýe, sygyr hamyndan, gaýyşdan tikilýän okjesiz aýakgap.

**Çágesöw** *(Çä:gesöw),* çäge gatyşykly, çäge gatyşygy bolan.

**Çákmen** *(çä:kmen),* düýe ýüňünden dokalyp tikilýän erkek adamlaryň daşky geýimi.

**Çuwal,** 1) un, bugdaý guýmak üçin elde dokalyp tikilýän gap, 2) Öý goşlaryny salmak üçin tärimden asylýan çitme gap.

**Çoluk,** çopanyň komekçisi.

**Çyrpy,** ýeňlenilip geýilmän, kellä atylýan, hemme ýeri keşdelenen aýal geýimi.

**Dessan** *(dessa:n),* Şygyr we kyssa gatyşykly ýazylan edebi eser.

**Diýar** *(diýa:r),* ýaşalýan ýer, ýurt, watan.

Turkmenkultur.com

**Düsenbe** *(dü:şenbe),* hepdäniň birinji gününiň ady.

**Dynjalys,** *(dy:njalyş),* mekdeplerde, okuw jaýlarynda dynç

almak üçin berilýán rugsat (kanikul).

**Edep,** gowy terbiýe, tertip-düzgün, sypaýylyk.

**Gaçy**, suw agmaz ýaly derýanyň, uly ýaplaryň, ýakasyna,

kenaryna gum üýşürilip edilýán berkitme.

**Garaşsyz,** özbaşdak, özygtyýarly, garaşly däl.

**Gende,** ýaman, erbet, ýaramaz.

**Goreç,** gözüň ortarasyndaky garaja bölegi.

**Görkana** *(görka:na),* owadan, görmegeý, görkli.

**Halyçy** *(ha:lyçy),* haly dokaýan, dokmaçy, haly dokamagyň ussasy.

**Harlamak** *(ha:rlamak),* ýaramaz, bigadyr, har saklamak, gymmatyny gaçyrmak, aýak astyna almak.

**Hemişelik** (hemi:şelik), mydamalyk, wagtlaýyn däl.

**Howandar** *(howanda:r),* ýakyn garyndaş, hossar, ýakyn dost, ýoldaş, arkadaýanç.

**ILiK,** geýime, başga zatlara dakylýan sadap.

**Jülge,** iki dagyň arasyndan uzap gidýán dere.

**Jürdek,** bokurdagy inçeräk bir gulply tomsuna suw sowatmak üçin ulanylýan gap.

Turkmenkultur.com

**Kenar** *(kena:r),* ýabyň, derýanyň gyrasy, ýer bilen çäkleşýän ýeri.

**Käkilik** *(ká:kilik),* köplenç dagda bolýan owadan aw.

**Kärendeçi** *(ka:rendeçi),* kireýine, kärendesine ýer alyp ekýän adam.

**Kilim,** haly ýaly ýüwürdilip dokalýan kiçiräk düşek.

**Legen,** kir ýuwmak ýa-da hojalykda başga zatlar üçin ulanylýan ýuka demir gap, taňňyr.

**Lukman** *(lukma:n),* kesel bejermek baýunça ýokary bilimli hünärmen.

**Mask,** bedenterbiýe boýunça ýerine ýetirilýän oýunlar, hereketler.

**Merhemetli,** rehimli, mähirli, şepagatly, ýakymly,mylaýym.

**Máhriban** *(mahriba:n),* mylakatly, mähirli, rehimli,mährem.

**Minnetdar** *(minnetda:r),* edilen ýagşylyk üçin birinden hoşal.

**Nur saçmak** *(nu:r),* ýagty bermek, şöhle ýaýratmak, ýagtylandyrmak.

**Özbaşdak** *(o:zbaşdak),* hiç kime bagly bolmadyk, garaşsyz.

**Pagtaçy,** gowaça ösdürip ýetişdirmek bilen meşgul bolýan adam, pagta ugrundan hünärmen.

**Palas** *(pala: s),* haly ýaly ýüwürdilip dokalýan kilimden uly düşek.

**Paýtagt** *(pa:ýtagt),* döwletiň merkezi şäheri.

**Pellehana** *(pelleha:na),* ýaryşda iň soňky barylmaly, barlyp gaýdylmaly ýer.

Turkmenkultur.com

**Penşenbe,** hepdäniň dördünji gününiň ady.

**Petir** *(peti:r),* hamyrmaýa goşulman hem-de aldyrylman, ýüzi dürtülip bişirilýän çörek.

**Päki** *(pä:ki),* saç, sakgal syrmak üçin ulanýlýan gural.

**Rysk,** nesibe, paý, alla tarapyn berilýän paý.

**Sazak** *(sa:zak),* gumluk ýerlerde bitýän pür ýaprakly agaç, odun.

**Saz işlemek** *(sa:z i:şlemek),* gurat, gowy işlemek. Seýis, aty çapyşyga taýýarlaýan, aty seýislemegiň ugruny bilýán adam.

**Siňmek,** iýmitiň aşgazan arkaly özleşmegi, bir zadyň içine kem-kemden siňip gitmek.

**Sişenbe** *(si:şenbe),* hepdäniň ikinji gününiň ady.

**Sower dost** *(do:st),* gowy görülýän, sylanylýan, söýülýän dost.

**Süzgüç,** suwuklygyň içindäki zady süzüp almak üçin gözenek-gözenek deşikli enjam.

**Syn etmek** *(sy:n),* birini ýa-da bir zady gözden geçirmek.

**Şadyýan** *(şa:dyýa:n),* keýpi kök, şat, şähdaçyk.

**Şan-şöhrat** *(şa:n-şöhra:t),* hatyra, dabara, şohrat.

**Şenbe,** hepdäniň altynjy gününiň ady.

**Tazy** *(ta:zy),* uzyn inçe tumşukly, inçe uzyn aýakly aw iti.

**Täsin** *(ää:si:n),* örän geň, geň-enaýy.

Turkmenkultur.com

**Togdary, U**ly aw guşy.

**Tokaý,** her hili gyrymsy we uly agaçlar gögerip oturan giň meýdan, ýer.

**Torba** *(to:rba),* içine zat salmak üçin ýörite dokalýan gap.

**Uýmak,** birine ynanmak, tabyn bolmak, biriniň yzyna eýermek.

**Ynsan** *(ynsa:n),* adam nesli, adam.

**Ynsap** *(ynsa:p),* utanç, haýa, wyždan, özüňi dogry alyp barmak duýgusy.

**Ýadygárlik** *(ýa:dygä:rlik),* 1) ýatdan çykarmazlyk, unutmazlyk maksady bilen birine berlen zat,

2) hormatlamak maksady bilen birinií ýa-da bir zadyň hatyrasyna gurlan, oturdylan heýkel.

**Ýahna,** gaýnadylan etden sowadylyp taýýarlanylýan nahar.

**Ýekşenbe,** hepdäniň dynç, ýedinji gününiň ady.

**Ýilik,** süňkiň içindäki ýumşak ýag ýaly zat.

**Ýoda** *(ýo:da),* kiçiräk, insizje ýoljagaz.

**Ýumuş,** birine tabşyrylan, ýerine ýetirilmeli iş.

**Ýygra,** utanjaň, çekinjeň.

**Ýyrtyjy,** (ýabany haýwanlara degişli).

Turkmenkultur.com